üçin ýaman günde garşylyk görkezmegi, zerur bolan her zady ede-
ňizden soň, ýeriňizde durmagy başarar ýaly, Hudaýyň ähli ýarag-
laryny ele alyň. 14 Şeýlelikde, biliňizi hakykat bilen guşap, egniňize
dogrulyk sowudyny geýip, 15 aýaklaryňyza bolsa parahatlyk getir-
ýän Hoş Habary wagyz etme taýynlygyny geýip, ýeriňizde duruň.
16 Bularyň ählisiniň üstesine-de, iman galkanyny ele alyň! Onuň
bilen şeýtanyň bütin otly oklaryny öçürmegi başararsyňyz.

17 Gutulyş tuwulgasyny, Hudaýyň sözi bolan Ruhuň gylyjyny
alyň. 18 Her hili doga we dileg bilen, hemişe Ruhda doga ediň. Şu
maksat bilen bütin mukaddesler üçin ýalbaryp, durnuklylykda
hüşgär boluň. 19 Ugrunda zynjyr bilen bagly bolup, ilçilik edýän
Hoş Habarymyň syryny batyrgaýlyk bilen wagyz etmek üçin, agzy-
my her açanymda gerekli sözler berler ýaly, meniň üçin hem doga
ediň. 20 Hoş Habary bolmalysy ýaly batyrgaýlyk bilen bildirmegim
üçin doga ediň.

*Salamlar*

21 Meniň nähilidigimi, näme edýänimi siz biler ýaly, söýgüli do-
ganymyz, Rebbiň sadyk hyzmatkäri Tihikus size bar zady aýdar.
22 Ine, şunuň üçin hal-ýagdaýymyzy biliň, ol ýüregiňize teselli ber-
sin diýip, Tihikusy size ýolladym. 23 Ata Hudaýdan, Reb Isa Mesih-
den doganlara parahatlyk, iman, söýgi dileg edýärin. 24 Hudaýyň
merhemeti Rebbimiz Isa Mesihi ölmez-ýitmez söýgi bilen söýýän-
leriň bary bilen bolsun! Omyn.

© Mukaddes Kitap Terjime Instituty, 2005